# Halkara Buker baýragynyň sanawy yglan edildi

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Halkara Buker baýragynyň sanawy yglan edildi HALKARA BUKER BAÝRAGYNYÑ SANAWY YGLAN EDILDI




Halkara Buker baýragynyň 2024-nji ýyldaky ýeňijileriniň giň sanawyny yglan etdiler. Bu sanaw – «Buker onikiligi» diýip umumy at alan 13 kitapdan ybarat boldy. Eminler topary iňlis dilinde ýazylan we Angliýada ýa-da Irlandiýada neşir edilen 156 eserden ýeňijileri saýladylar. Bu ýylky «Buker onikiligine» giren kitaplar:
– Kler Messud, «Bu geň, waka baý hekaýat»;
– Tommi Orinç «Sergezdan ýyldyzlar»;
– Kolin Barrett «Ýabany jaýlar»;

– Riçard Pauers «Oýun meýdançasy»;
– Hişam Matar «Meniň dostlarym»;
– Anna Maýklz «Saklanýan»:
– Rita Bullwinkel «Kellä atylan ok»;
– Reýçel Kuşner «Ýaradylan köl»;
– Sara Perri «Aň-bilim»;
– Samanta Harwin «Orbital»;
– Persiwal Ewerett «Jeýms»;
– Ýael wan der Wauden «Saklawhana»;
– Şarlot Wud «Daş howludaky ruhy oýlanmalar».

Bu ýylky eminler toparyna ýazyjylar Edmund de Waal we Sara Kollinz, «The Guardian» gazetiniň redaktory Jastin Jordan, professor Li Iýun we kompozitor Nitin Souni ýolbaşçylyk edýär.
Buker baýragyna dalaşgärleriň altysynyň gysga sanawy 16-njy sentýabrda yglan ediler we ýeňiji 12-nji noýabrda mälim bolar. Ol 50 000 funt sterling pul baýragyna mynasyp bolarlar.
Bütin dünýäde ýokary inntelliktual derejesi bilen tapawutlanýan iňlis okyjylary bu ýylky Buker baýragyny Kler Messud,Tommi Orinç, Kolin Barrett  ýaly ussatlaryň haýsam bolsa biriniň almagyna garaşýarlar. Edebiýat täzelikleri